# Müñ bir many

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Müñ bir many **AFORIZMLER**

Söz berip unutdym diýmek, iki gezek aldamakdyr.

* * *

Bela iki bulanýan zatdan geler, eliňden ýa-da diliňden.

* * *

Zyýan çekmeseň ýagşy bolmarsyň, nuruňy dökmeseň ýagty bolmarsyň.

* * *

Eden ýagşylygyň ýarysy gaýdyp gelse hem, baryndan köpdür.

* * *

Alladan gorkanyň ýaşy uzalar, adamdan gorkanyň ýaşy üzüler.

* * *

Ahlagyňy gora, wyždanyňdan sora.
Namysy gora, halka görä ýöre.

* * *

Dünýäde iñ gymmatly iki zat bolsa, biri ynamdyr.

* * *

Akmagyñ öwgüsinden akyllynyñ käýinji ýagşy.

* * *

Öwrenmek ruhuñ çeşmesidir.

* * *

Öwrenmek öwretmekden has peýdalydyr.

* * *

Wepalylylygy itden öwren, ýöne adamlara wepaly bol.

* * *

Duşman gulakdan girer agyzdan çykar.

* * *

Özüňi özüňden özge tanar.

* * *

Dostuň goltugyndan tut– ýykylmasyn, duşmanyň goltugyndan tut–topulmasyn.

* * *

Dostuň hem, donuň hem könesi ýagşy, dostuň könesirehimdar bolar, donuň könesi ýadygär.

* * *

Ulumsylyk, gedemlik namysjaňlyk däldir.

Sapardurdy NAZLYÝEWIŇ «Müň bir many» kitabynda.

**Awtor barada:**

Sapardurdy Nazlyýew 1957-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda Balkan welaýatynyň Bereket etrabynda doguldy. 1974-nji ýylda orta mekdebi tamamlady. 1975–1977-nji ýyllarda harby gullukda boldy. 1984-nji ýyl-da Türkmen oba hojalyk institutynyň agronomçylyk fakultetini tamamlap, alym-agronom hünärine eýe boldy we dürli wezipelerde zähmet çekdi.
Sapardurdy Nazlyýew türkmen edebiýaty, döredijilik, pederlerimiziň bize galdyran edebi mirasy, däp-dessurlarymyz,

durmuşda ynsan gatnaşyklary ýaly mowzuklar bilen mekdep ýyllaryndan bäri gyzyklanyp, bular babatda serine gelen pikirlerini özüçe ýandepderçesine hemişe bellik edip, toplap, olary gazet-žurnallaryň üsti bilen halk köpçüligine ýetirip geldi.
Sapardurdy Nazlyýew häzirki wagtda hormatly dynç alyşda bolmak bilen, Türkmenbaşy şäherinde ýaşaýar.

## Kitap barada

*Jaýdar aýdylan sözler ynsan kalbyna baryp ornaýar. Sapardurdy Nazlyýewiň danalyk bilen aýdan sözlerinden düzülen bu kitap onuň aýdyň mysalydyr. Onda adamyň ýaşaýyş-durmuşynyň ähli taraplaryna degişli aýdylan sözlere gabat gelinýär. Bu bolsa kitabyň awtorynyň durmuşa syncylygyndan, adam häsiýetlerini beletliginden hem-de belent adamkärçiliginden habar berýär. Onuňam üstesine-de, bu kitap durmuş tejribesiniň, adamyň köpçülik bilen gatnaşyklarynyň beýanydyr. Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilendir.* Sözler